**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2022-nji ýylyň 24-nji oktýabryndaky 290-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2022-nji ýylyň 9-njy noýabrynda 1661 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy**

# Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2011-nji ýylyň 14-nji noýabrynda çykaran 65-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin ýeňillikli karzlary bermegiň hem-de täze ýaşaýyş jaýyny (öýi) satyn almak üçin gozgalmaýan emläk üçin karzlary bermegiň Tertibine üýtgetmeler girizmek hakynda

2022-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda kabul edilen «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna hem-de «Türkmenistanda ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini hasda gowlandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda çykaran 267-nji kararyna laýyklykda, ýurdumyzda ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de has-da gowulandyrmak maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 29-njy noýabrynda 612 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2011-nji ýylyň 14-nji noýabrynda çykaran 65-ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan, Durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin ýeňillikli karzlary bermegiň hem-de täze ýaşaýyş jaýyny (öýi) satyn almak üçin gozgalmaýan emläk üçin karzlary bermegiň Tertibinde:

1) dördünji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

«4. «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, är-aýalyň ýaşy 35 ýaşa ýetmedik maşgala Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatynyň gatnaşyjylary bolup durýar. Öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny hem-de täze ýaşaýyş jaýyny (öýi) ýeňillikli karz serişdeleriniň hasabyna satyn almak üçin Karz alyjy bolup, är-aýalyň ýaşy 35 ýaşa ýetmedik maşgalalar çykyş edýar.»,

2) sekizinji böleginde «6 (alty) müň» diýen sany we sözleri «20 (ýigrimi) müň» diýen san we sözler bilen çalşyrmaly.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň orunbasarlarynyň, Karz amallary we Bank gözegçiligi müdirlikleriniň, Hukuk gullugynyň başlyklarynyň üstlerine ýüklemeli.